# Ýolugra söhbetdeşlikden

Category: Degişmeler,Kitapcy,Söhbetdeşlik
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýolugra söhbetdeşlikden ÝOLUGRA SÖHBETDEŞLIKDEN

– Essalawmaleýkum!
– Waleýkumessalam!
– Näme, çiňňerilip seredýäňiz welin, tanamadyňyz öýdýän?
– Hawa-aýt, dogrudanam, tanamadym-laý…
– Onda dollaryň köpelendir, sakaldaş!

* * *

Başlyk köne dostuna ýüzlenýär:
– Görneňok-low, gardaş!
– Pyýada köçeden geçýän dälsiň, ýogsam görerdiň.

* * *

– Sen pylanyň dilini tapaňokmaý?
– Şondan aňsady ýok. Dili agzyny açan ýeriňdedir.

* * *

– Barmyň-ow bi togalak dünýäde, görneňok-la…
– Näme, indi saňa görünmek üçin men jaýyň üçegine çykaýyнmy?

* * *

– Murt goýdurdyňmy?
– Mugt goýdurdym.

* * *

– Kelläňe gap geýmeseň…
– Näme, boşmukan öýdýärlermi?

* * *

– Saňa bir sowal bermekçi.

– Sen maña sowal bereniñden, gowusy, sowalga bersene…

* * *

– Uzakdan-a göremok…
– Ýakyndan okamaga-fa sowadym ýok diýsene…

* * *

– Men-ä şoña «ýüzüñ üstünde burnuñ bar» diýemok.
– Aý, sen diýmeseñ-de, şol-a hakykat.

* * *

– Galamdaş, bu günler näme ýazýañ?
– Düşündiriş.

Röwşen TAGAN.

«Watan» gazeti, 02.11.1996 ý. Degişmeler